TÜRKMENISTANYŇ
MALIÝE
MINISTRLIGI

744028, Türkmenistan,
Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 156,
Tel.: 39-45-05; faks: 98-21-35
e-mail: omeft@online.tm

MINISTRY
OF FINANCE
OF TURKMENISTAN

744028, 156, Archabil avenue,
Ashgabat c., Turkmenistan
Phone: 39-45-05; fax: 98-21-35
e-mail: omeft@online.tm

«24» dekabr 2013 ý. № 10/4461

**Ministrliklere, pudak edaralaryna, jemgyýetçilik guramalaryna, hususy kärhanalara we beýleki guramaçylyk hukuk görnüşli kärhanalara, daşary ýurt ýuridik şahslarynyň şahamçalaryna we wekilhanalaryna**

"Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasyna laýyklykda, maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda buhgalterçilik hasaba alnyşyny ýöretmäge, maliýe hasabatlylygynyň düzülmegine we berilmegine tapgyrlaýyn geçmegiň möhletleri Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan bellenilýär we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulyndaky 11139 belgili kararyna laýyklykda, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalar, edaralar we guramalar (bank edaralary muňa girmeýär) 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, maliýe hasabatlarynyň we auditiň halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän, buhgalterçilik hasaba alnyşyň we auditiň milli ulgamyna tapgyrlaýyn geçmek, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, maliýe hasabatlarynyň we auditiň halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän, buhgalterçilik hasaba alnyşyň we auditiň milli ulgamyna doly geçmek bellenilýär.

Şu kanunçylyk namalaryny bellenen möhletlerde ýerine ýetirmek üçin Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 23-nji dekabryndaky 174 “Ö” belgili buýrugy çykaryldy.

Şu buýrukda, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalar, edaralar we guramalar (bank edaralary muňa girmeýär) 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny halkara standartlarynyň ýörelgelerine laýyk gelýän, buhgalterçilik hasaba alnyşyň milli ulgamyna (maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna) doly geçmek bellendi.

Şeýle-de, şu buýruk bilen ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, hususy kärhanalaryň we guramaçylyk hukuk görnüşli beýleki kärhanalaryň, daşary ýurt ýuridik şahslarynyň şahamçalarynyň we wekilhanalarynyň ýolbaşçylaryna, 2014-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň we şu Kanundan gelip çykýan beýleki kanunçylyk namalary esasynda işlerini guramak

bilen, maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda maliýe hasabatlylygynyň düzülişini we berilişini üpjün etmek tabşyryldy.

Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň 2013-nji ýylyň 23-njy dekabryndaky 174 “Ö” belgili buýrugynyň nusgasyny we Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna geçmek boýunça ädimleýin geçirmeli çäreleriň sanawyny işde gollanmak üçin Size iberýäris (goşulýar).

Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy baradaky kanunçylyk namalary Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň „www.minfin.gov.tm“ atly saýtynda hem ýerleşdirilendigini maglumat üçin habar berýäris.

Şu haty öz garamagyňyzdaky kärhanalaryň we gyzyklanýan taraplaryň dykgatyna ýetirmegiňizi haýyş edýäris.

**Ministr** **D. Sadykow**